TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ

HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ UMUMADAMZAT ÄHMIÝETLI PARAHATÇYLYK TAGLYMATY WE HÄZIRKI ZAMANYŇ MÖHÜM MESELELERI

(ylmy makalalaryň ýygyndysy)

***Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna***

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

UOK 008:82+001(575.4)
M 16

M 16 **Magtymguly Pyragynyň umumadamzat ähmiýetli parahatçylyk taglymaty we häzirki zamanyň möhüm meseleleri.** Ylmy makalalaryň ýygyndysy. – A.: Ylym, 2023. – 240 s.

Kitap Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanylyp taýýarlanyldy.

Ýygyndy üç sany tematiki bapdan ybarat bolup, olarda her babyň adyna laýyk gelýän makalalar ýerleşdirildi.

Ýygyndynyň birinji baby «Magtymguly Pyragynyň döwletlilik taglymatynyň Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň milli bähbitlerini üpjün etmekdäki binýatlyk orny» diýlip atlandyrylyp, onda Magtymgulynyň syýasy-jemgyýetçilik meseleler bilen baglanyşykly garaýyşlary seljerilýär. Bu bapda ýerleşdirilen makalalaryň häsiýetli taraplarynyň biri olarda Magtymgulynyň döredijiliginde gozgalýan we onuň döwründe bolup geçen wakalaryň häzirki zaman şertlerindäki derwaýyslygynyň nukdaýnazaryndan seljerme bermeklige synanyşyk edilendigidir.

Ýygyndynyň «Magtymgulynyň paýhas-filosofiki we ahlak-edep garaýyşlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti» atly ikinji babyndaky makalalarda Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde paýhas-filosofiki, ruhy-ahlak gymmatlyklaryň, ynsan edebi adamkärçilik, terbiýe we wagyz-nesihat meseleleriniň şu gün bilen baglanyşygy baradaky pikirler öňe sürülýär.

Ýygyndynyň üçünji baby «Magtymguly Pyragynyň döredijilik mirasy adamzat medeniýetiniň genji-hazynasydyr» diýlip atlandyrylyp, onda degişli temadaky derwaýys meseleleriň derňewine bagyşlanylan makalalar ýerleşdirildi.

Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilýär.

TDKP № 235, 2023 KBK 71+84+72(Tü)

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2023
© “Ylym” neşirýaty, 2023

ussatlarça ulanmagy başaran şahyrdyr. Onuň ýazan goşgy setirleri hem dillerde atalar sözüne öwrülip gidendir. Şahyryň nakyla öwrülen setirlerine ser salalyň: «Namart aýyp gözlär dogan ilinden», «Saglygyň gadyryny bilgin hasta bolmazdan burun», «Magtymguly, at tutulsa, Ozal dessan ýazan geler», «Ýagşy gylyk duşmanyňy dost eýlär, Gylygyň bet bolsa, işiň jeň bolar», «Eşiden deň bolmaz gören göz bilen», «Sabyrly gul dura-bara şat bolar», «Goç ýigide toýdur-baýram, her iş gelse il biläni» – ýaly nakyllar dana şahyryň ölmez-ýitmez terbiýeçilik ähmiýetli şygyrlarynyň esasyny düzýär. Şonuň üçin, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, zybanyndan dür saçan, öňdengörüji Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbynyň owazyna, türkmen ruhunyň synmajak sütünine öwrüldi.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – A.: TDNG, 2016.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – A.: TDNG,
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. – A.: TDNG, 2013.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ömrümiň manysy. – A.: TDNG, 2022.



**Selbi Nazarowa**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*


# MAGTYMGULYNYŇ ŞYGYRLARYNDA TARYHY ŞAHSYÝETLERIŇ ÇEPER KEŞBI

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda asyrlaryň gatlaryna siňip ýatan edebi mirasymyzy düýpli öwrenmekde, özleşdirmekde, täzeden janlandyrmakda, olary gaýtadan halkymyza ýetirmekde we dünýä tanatmakda düýpli işler amala aşyrylýar. Türkmen nusgawy edebiýatynyň görnükli wekili Magtymguly Pyragynyň döredijiligini täzeden ylmy esasda öwrenmek we halka ýetirmekde ençeme işler amala aşyrylýar. Şahyryň goşgularynyň dürli dillere terjime edilmegi bilen, akyldaryň dünýä, durmuş baradaky pelsepewi pikirleri dünýä ýaýylýar.

Halkyň taryhyny, ýaşaýyş-durmuşyny, medeniýetini öwrenmekde halk döredijilik eserleri, hususan hem, nusgawy edebiýatymyzyň ähmiýeti örän uludyr. Çünki çeper edebiýat döwrüň aýnasy diýlişi ýaly her bir halkyň edebiýatynda şol halkyň durmuşy çeper suratlandyrylýar. Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň

hem döredijiligi XVIII asyr türkmen durmuşyny, şol döwrüň öňe çykaran meselesini, halkyň bähbidi, Watan bähbidi üçin uly işler eden şahsyýetleri barada öwrenmek üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Şahyryň edebi mirasy öz döwrüniň möhüm hem zamanabap meselelerini gozgamakda il-halk bähbidini araýan meselelere çeperçilik taýdan çözgüt bermekde bahasyna ýetip bolmajak hazynadyr [1, 32 s.].

Söz ussadynyň döredijiliginde taryhy şahslaryň giden bir ulgamynyň atlary agzalýar. Olaryň köpüsi dünýä halklarynyň arasynda ady ýaýran beýik şahsyýetlerdir. Öz akyly, paýhasy, danalygy bilen, ýiti zehini we ukyby bilen, görkezen gahrymançylygy we edermenligi bilen ýa-da adamzat taryhynda galdyran ýitmejek yzy bilen belli bolan adamlardyr. Elbetde, dünýä taryhynda öçmejek yz galdyryp, şanyňa nesilleriň waspnama ýazmagyny gazanmak üçin beýik işleri amala aşyrmaly. Onda-da Magtymguly ýaly beýik şahsyýetiň diline düşmek üçin, şeýle uly hyzmatlary bitirmelidir. Il-günüň, ýurduň, Watanyň bähbidini hemme zatdan ileri tutýan bu beýik söz ussadynyň döredijiliginde özüňe orun alaýmak aňsat zat däl.

Magtymgulynyň şygyrlary haýsy meseläniň gozgalýandygyna garamazdan, hemmesi millilige ýugrulandyr. Onuň döredijiliginde XVIII asyr türkmen durmuşy özüniň şatlygy-hasraty bilen, ýeňişi-ýeňlişi bilen öz beýanyny tapdy. Şahyryň döredijiliginde öz döwürdeşleri hakynda söhbet açýan şahyrana eserleriň bardygy aýratyn bellemäge mynasypdyr. Onuň döwürdeş taryhy şahslary hakdaky bu şahyrana oýlanmalarynyň ideýa-çeperçilik gymmaty-da, jemgyýetçilik-taryhy ähmiýeti-de has uludyr. Döwürdeşleri hakda pikir ýöredýän bu şahyrana oýlanmalar bilen şahyr öz şygryýetini zamanasynyň möhüm meselelerini gozgamaklyga tarap, millilige, halkylyga tarap gönükdirýär.

Magtymgulynyň goşgularyna ady düşen we türkmen şygyr sungatynyň taryhynda atlary galan şol tanymal şahsyýetler iliň-günüň derdini bile çekip, ýurduň abadanlygynyň aladasy bilen ýaşan, bütewi döwletli bolmak, tire-taýpalaryň agzybirligini gazanmak üçin göreşen şahsyýetlerdir.

Halk üçin, Watan üçin gahrymançylyk görkezen, il aladasyny eden bu şahsyýetleriň döwrüň, jemgyýetiň öňünde bitiren hyzmatlary diňe bir öz ýaşan asyry üçin beýiklik nusgasy bolman, özlerinden soňky asyrlar üçin hem beýiklik nusgasydyr. Olar baradaky rowaýatlar, hekaýatlar hem asyrdan-asyra, nesilden-nesle geçip, baky ýaşap gelýär. Olaryň Magtymgulynyň goşgularynda ýatlanmagy bolsa bu şahsyýetler hakdaky rowaýatlardyr hekaýatlaryň hakykatlygynyň aýdyň subutnamasydyr. Sebäbi şahyr bu şahsyýetleriň keşbinde öz idealyny tapýar.

Magtymgulynyň öz ýaşan zamanasyndaky taryhy wakalara, taryhy şahsyýetleriň görkezen gahrymançylyklaryna bagyşlanan şygyrlary XVIII asyryň durmuş gapma-garşylyklaryna esaslanýan çeper hakykatdyr. Şeýle taryhy

wakalary, gahrymançylykly söweşleri we şol wakalar bilen baglanyşykly öňe çykan şahsyýetleriň çeper keşbini şygra salmagy onuň öz döwrüniň hakykatyndan üzňe ýaşap bilmeýändigininiň şaýatnamasydyr. «Arşy aglaýa», «Aly siziňdir», «Döwletalynyň», «Geçdi diýdiler» ýaly şygyrlardaky döwrebaplyk, taryhylyk ünsi özüne çekýär. Magtymgulynyň il-halkyň bähbidi üçin eden aladalary, gowy durmuş baradaky arzuw-hyýallary onuň çeper döredijiliginde özüniň aýdyň beýanyny tapýar. Şahyryň döredijiliginde halkyň gün-güzeranyny gowulandyrmak ugrunda jan çeken döwürdeşleriniň birnäçesiniň keşbine nusgalyk hökmünde ýüzlenendigini görýäris.

Magtymgulynyň «Çowdurhan üçin», «Çowdurhan» ýaly şygyrlarynda öz döwürdeşi Çowdurhanyň halky üçin bitiren işleriniň çeper beýany bar. Goşgularda Çowdurhanyň atan oky boş geçmeýän, mertligi-batyrlygy bilen il-günüň abraýyna eýe bolan, şahyryň iň bir ýakyn ynsanlarynyň biridigi barada aýdylýar. Çowdurhan goşgulardan görnüşine görä, türkmen halkynyň agzybirlik, özbaşdaklyk, döwletlilik, adalatlylyk hakdaky arzuwlarynyň amala aşmagy üçin köp alada eden şahs. Şonuň üçin Çowdurhanyň waspnamasy bolan bu şygryň Magtymgulynyň döredijiliginde möhüm orny bar.

*Tartan oky hiç çykmady saýýadyň,*
*Titretdi älemi Çowdurhan adyň.*

*Magtymguly, uçdy ol algyr guşum,*
*Arkadagym, eziz syrdaş, gardaşym* [2, 12 s.].

Şygyrdan görnüşine görä, megerem, Ahmet şadan habar almaga giden Çowdurhanyň we onuň türkmen gerçeklerinden düzülen toparynyň ýolda heläk bolandygyny ildeşleri bilipdirler. Şonuň üçin türkmen halkyna bähbit arap, uzak ýola düşen Çowdurhan dagynyň keç ykbaly hakda eşiden il-gün ýas tutupdyr. Şahyryň özi hem iň ýakyn arkadaşyndan, maslahatçysyndan, galyberse-de, halkyň bitewi döwlet bolmak arzuwynyň amala aşmagyna uly ýardam etjek mert, parasatly ýigitden aýra düşenine gynanjy çeper suratlandyrylýar.

Magtymguly halkyň aladasy bilen ýaşan şahyr. Onuň ýaşan zamanasy belli bir başy bolmadyk türkmenleriň bitewi döwletsizlikden kösenen döwri. Şol döwrüň esasy meselesi hem halky yzyna düşürip bilýän adalatly ýolbaşçynyň zerurlygy bilen baglydyr. Şahyryň waspnamalarynda ady getirilýän Çowdurhan, Öwezgeldi, Döwletaly, agalary Abdylla, Mämmetsapa dagynyň halk bähbidi üçin ata çykan serkerdelerdigi aýdyň ýüze çykýar. Şonuň üçin Magtymgulynyň Çowdurhanyň serdarlyk keşbini arzuwynda görşi şeýledir.

*Barsa, paýy belli soltanda, handa,*
*Ili bilmeý galdy armany janda* [2, 33 s.].

Bu goşgularda Magtymguly ady agzalan hanlaryň, serdarlaryň, esasan, hanlyk, soltanlyk mertebelere laýykdygyny, mertligini, batyrlygyny, gahrymançylygyny, watansöýüjilik häsiýetlerini wasp edýär. Şahyryň döwürdeşlerine, il-halka bir bitewi berkarar döwletsizlikden kösenmekden ötri, ýurdy, Watany daşky duşmanlardan goramak hem esasy wezipelerden biri bolupdyr. Şonuň üçin şahyr bu gerçekleriň keşbinde serdara gerek bolan esasy häsiýeti – halky bir agza garadýan baştutanyň häsiýetlerini görüpdir.

Watany söýmek, il-günüň derdi bilen ýaşamak meselesinde Magtymguly üçin öz maşgalasy – atasy, agalary görelde mekdebi bolupdyr. Aýratyn-da, özbaşdak döwlet bolmak meselesinde şahyryň atasy Azadynyň, onuň agalarynyň bitiren hyzmatlary uludyr. Magtymgulynyň «Bular gelmedi», «Gözlär men», «Terk eýleme bu mekany» ýaly goşgularynda hem onuň agalary Mämmetsapadyr Abdyllanyň il-halkyň bähbidini arap, başyny orta goýup, Ahmet şanyň çakylygy bilen ýola düşmekleri hakda söz açylýar.

Magtymguly özüniň akyldar atasy, kämil ussady Döwletmämmet Azadynyň-da şahyrana keşbini şygra salmak bilen oňa uly ýadygärlik dikipdir. Şahyr atasynyň hormatyny örän belent tutýar. Şahyryň atasy baradaky goşgularynda («Atamyň», «Oglum-Azadym», «Haky çün») Döwletmämmet Azady oňa diňe ata däl, eýsem, ol onuň her bir işde ussady, halypasy hökmünde öňe çykarylýar.

*Magtymguly, gizlin syryň bar içde,*
*Kämil tapsaň, kyl gullugyn dyryşda,*
*Magşar gün gaýgysyz girer behişde,*
*Her kim çyndan dosty bolsa atamyň* [2, 35 s.].

Şahyryň agzalan goşgularyndaky çeper keşpler türkmen halkynyň geçmiş taryhyna, beýik şahsyýetlerimiziň öňde goýan beýik maksatlaryna göz ýetirmäge uly mümkinçilik berýär. Bu bolsa täze taryhy eýýamda – berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşaýan, gurýan we döredýän nesillerimizi atalaryň ruhy siňen ajaýyp däplerimiziň mysalynda terbiýelemek işinde nusgalyk hyzmata eýe bolan çeper mirasymyzyň gadyr-gymmatyny has-da belende göterýär.

Türkmen ussat şahyrynyň goşgularyndaky taryhy şahsyýetleriň merdana keşpleri arkaly ösüp gelýän ýaş nesilde halkynyň taryhyny öwrenmäge höwesini artdyryp, olary watançylyk ruhunda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. – A.: TDNG, 2009.

2. *Magtymguly*. Şygyrlar. – A.: TDNG, 2010.